# Yşka düşüp…

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Yşka düşüp…

YŞKA DÜŞÜP…

Tötänlikmi ýa bir ykbal oýnymy,
Dideleriň didelerme çaknyşdy.
Giň dünýäni ýerläp bilýän gursagy
Sygdyryp bilemok älem-jahana.
Yşk dünýäme yşygyny tutupdyr,
Gözelleşdi ähli barlyk birdenkä.
Ýygra gyzdan nam-nyşan ýok
Görsene!
Söýgi hakda diňlemeklik ýakymly,
Aýdym, goşgy, gazal mana bu barlyk.
Gör nähili ajap bolýar ekeni,
Ynsan yşka düşüp, söýgä sataşsa.
Oýuň-küýüň, arzuwlaryň barysy,
Diňe bagt hakdadyr ynansaň maňa.
Tans etmäge, şatlanmaga, gülmäge,
Näçe diýseň tapylyp dur bahana
Geňleme.
Öňki ýaly daňa çenli oturyp,
Söýgi hakda goşgy ýazjak bolamok.
Sözler dünýäsine gidemok seýle,
Çünki onuň her ýylgyrşy bir eser,
Garamyk gözlerden başym heserli,
Söýüp söýläp ýadamok men asyl-ha
Saňa duşup bagta eýe çykdym men,
Şowuna bolup dur  ähli edenim,
Sen meniň ykbalym, rugsat ber maňa
Ynamym, ygrarym ähti-wepamy,
Söýgim bilen gursagyňa ýerläýin.
Saňa özümdenem köpräk ynanyp

Meňkidigňi barmagňada belläýin…
Şeydip bagtyn gujagynda däljiräp
Bagt hakynda bolar ýazyp bozjagym.
Gözleňden okaryn diýjekleriňi,
Ýürek urgyň gursagymda götärin,
Goşgy oka diýip azar berme sen,
Ynjykdyryn öňkülerden beterräk.
Şygyrýetden sowaşdy diýp oýlama,
Buşlugymy taýynlaber howlukman,
Ylahydan serpaýly men bu günler.
Gursagymda ýazyp ýörün mähriban,
Datly söýgiň tagamyndan humarlap,
Ýagşy niýet, ynam, arzuw yşk bilen
Ikimizden dünýä injek bir eser…

■ GÖWNÜM

Özüň çigit ýaly barly ýoklusyň
Sähel zada ynjap otyň öýkeläp
Söýeniňde, sylanyňda her kimi
Ýanyp söýýäň gursagymy paralap.
Eý meniň öýkelek nowjuwan göwnüm,
Söýle maňa bu düwünleň baryny.
Kagyzdyr galama baranok elim,
Süýji sözler, öwgüleri aýtmaga,
Nämüçindir şu gün ýaltanýar dilim.
Seň bilen ikiçäk sessiz-sedasyz,
Gubar baglan gussalaryň hataryn,
Az-kem bolsa azaltmaga taýyn men,
Söýle maňa, sözle göwnüm, söýle sen…
"Ynjytdylar ynjadyk biz sesisje,
Didämiziň dürlerini seçeläp.
Ynamymyz puja çykdy bireýýäm,
Güllerini ir uçuran erik deý,
Idelmedik, ýatlanmadyk hiç wagt,
Peseltsede peselmedik bilýänsiň,
Öweninde boş öwgüsne ynanyp,

Ýersiz ýere eselmedik diýýärmiň?
Diňe sada bolduk öňküligimiz,
Ýalanlara ýylananmyz duýmadyk.
Özümizden köp ynandyk oňa biz,
Didesinde inimizi üşeden,
Eretjekdik, söýgi bilen doňy biz.
Ýene köp zatlardan hantama bolup,
Mähir derýaň joşaryna garaşdyk.
Aňzakly gijeler mähre çoýanmyz,
Barlygymyz unudypdyr gör eýýäm…"
Wah, göwnüm her zada tamakin göwnüm,
Ikimize bilmez hiç kes düşünip.
Aýdanyň diýeniň bolýan bolanda,
Bu dünýä  ýerinde durarmy şeýdip?
Söý sen kem-käsiniň üstüni örtüp,
Söýmek üçin inmedikmi jahana,
Ýaňky gohy üçin aglama beýdip,
Ejizligimiz bolmaz ýaly bahana,
Ýylgyryp goýberde unut baryny.
Ojagymyň köräp durmagy üçin,
Öýke däl söýgüden alowla  göwnüm.

"Bagtygül Tekäýewa" <poeziyatm@gmail.com> написал, 28.02.2019 13:06.

Goşgular